# This document has been provided by the International Center for Not-for-Profit Law (ICNL).

ICNL is the leading source for information on the legal environment for civil society and public participation. Since 1992, ICNL has served as a resource to civil society leaders, government officials, and the donor community in over 90 countries.

Visit ICNL's **Online Library** at http://www.icnl.org/knowledge/library/index.php for further resources and research from countries all over the world.

Disclaimers

**Content.** The information provided herein is for general informational and educational purposes only. It is not intended and should not be construed to constitute legal advice. The information contained herein may not be applicable in all situations and may not, after the date of its presentation, even reflect the most current authority. Nothing contained herein should be relied or acted upon without the benefit of legal advice based upon the particular facts and circumstances presented, and nothing herein should be construed otherwise.

**Translations.** Translations by ICNL of any materials into other languages are intended solely as a convenience. Translation accuracy is not guaranteed nor implied. If any questions arise related to the accuracy of a translation, please refer to the original language official version of the document. Any discrepancies or differences created in the translation are not binding and have no legal effect for compliance or enforcement purposes.

**Warranty and Limitation of Liability.** Although ICNL uses reasonable efforts to include accurate and up-to-date information herein, ICNL makes no warranties or representations of any kind as to its accuracy, currency or completeness. You agree that access to and use of this document and the content thereof is at your own risk. ICNL disclaims all warranties of any kind, express or implied. Neither ICNL nor any party involved in creating, producing or delivering this document shall be liable for any damages whatsoever arising out of access to, use of or inability to use this document, or any errors or omissions in the content thereof.

# Türkmenistanyň Kanuny

## Graždanlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet organlarynyň¸ jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we wezipeli adamlaryň hereketlerini suda şikaýat etmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 1998 ý.¸ № 1¸ 2 -madda)

Şu Kanun graždanlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň we wezipeli adamlarynyň hereketlerine ýa-da kararlaryna graždanlar tarapyndan suda şikaýat etmekleriniň hukuk esaslaryny, şeýle hem görkezilen şikaýatlara sud tarapyndan garamagyň tertibini Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda kesgitleýär.

### 1 madda. Graždanlaryň şikaýat bilen suda ýüz tutmaga bolan hukugy

Döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi bolandyryş organlarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleri ýa-da kararlary bilen konstitusion hukuklary we azatlyklary bozulan ýa-da çäklendirilen her bir graždanin suda şikaýat bilen ýüz tutmaga haklydyr.

Daşary ýurtly graždanlar ýa-da graždanlygy bolmadyk adamlar, eger Türkmenistanyň kanunçylygy ýa-da halkara şertnamalary arkaly başgaça kesgitlenmese, şu Kanun tarapyndan bellenilen tertipde suda şikaýat bilen ýüz tutmak hukugyndan peýdalanýarlar.

### 2 madda. Suda şikaýat edilip bilinjek hereketler ýa-da kararlar

Döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň¸ ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň kollegial ýa-da özbaşyna eden hereketlerine ýa-da kararlaryna, eger şeýle hereketleriň ýa-da kararlaryň netijesinde aşakdakylara ýol berlen bolsa, graždanlar tarapyndan suda şikaýat edilip bilner:

- adamyň we graždaniniň Türkmenistanyň Konstitusiýasy ýa-da kanunlary arkaly bellenilen hukuklary we azatlyklary bozulsa;
- adamyň we graždaniniň konstitusion hukuklary we azatlyklary çäklendirilse ýa-da olaryň amala aşyrmagy üçin päsgelçilikler döredilse;
- graždaniniň üstüne haýsydyr bir borç bikanun ýüklense.

### 3 madda. Şikaýaty bermegiň tertibi

Adamyň we graždaniniň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny bozýan hereketlere ýa-da kararlara ol ýokarda durýan organa, ýokarda durýan wezipeli adama, prokurora ýa-da gös-göni suda şikaýat bilen ýüz tutmaga haklydyr.

Şikaýat konstitusion hukuklary ýa-da azatlyklary bozulan graždanin ýa-da onuň wekili tarapyndan berlip bilner.

Graždaniniň islegine görä şikaýat onuň ýaşaýan ýerindäki suda ýa-da organyň ýerleşýän ýerindäki ýa-da hereketlerine ýa-da kararlaryna şikaýat edilýän wezipeli adamyň işleýän ýerindäki suda berilýär.

### 4 madda. Suda şikaýat bilen ýüz tutmagyň möhletleri

Suda şikaýat bilen ýüz tutmak üçin aşakdaky möhletler bellenilýär:

graždanine öz hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulandygy hakynda mälim bolan günden başlap bir ýyl;

ýokarda durýan organyň ýa-da wezipeli adamyň şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz öwrendigi hakyndaky ýazmaça habary graždaniniň alan gününden başlap üç aý;

eger graždaniň tarapyndan şikaýat berlenden soň oňa ýazmaça jogap almasa, şikaýata garamak üçin bellenilen möhletiň geçen gününden başlap üç aý.

Şikaýaty bermegiň esasly sebäp boýunça goýberilen möhleti sud tarapyndan dikeldilip bilner.

**5 madda. Şikaýat boýunça suduň hereketleri**

Bellenilen tertipde berlen şikaýat garalmaga degişlidir. Şikaýaty kabul etmekden ýüz öwürmek gadagandyr. Şikaýata garamak üçin kabul eden sud:

degişli organlardan ýa-da wezipeli adamlardan zerur materiallary talap edýär;

graždaniniň ýa-da onuň wekiliniň haýyşy boýunça ýa-ça öz inisiatiwasy boýunça şikaýata düýp manysy boýunça garalmagyna çenli şikaýat edilýän hereketiň ýa-da kararyň ýerine ýetirilmegini togtatmak hakyndaky meseläni çözýär.

**6 madda. Sud tarapyndan şikaýata garamagyň tertibi**

Döwlet organlarynyň, kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, jemgyýetçilik öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketlerine we kararlaryna graždaniniň şikaýatlaryna graždan sud işini ýöredişiň kadalary boýunça on gün möhletde sudýa tarapyndan özbaşyna garalýar.

**7 madda. Suduň şikaýat boýunça çözgüdi**

Sud şikaýata garamagyň netijeleri boýunça çözgüt çykarýar.

Şikaýatyň esaslylygyny belläp, sud şikaýat edilýän hereketi ýa-da karary bikanun diýip ykrar edýär¸ graždaniniň talabyny kanagatlandyrmaga, onuň bozulan konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny dikeltmäge, graždaniniň öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagyny çäklendirýän ýa-da päsgel berýän ýagdaýlary ýok etmäge borçly edýär.

Eger sud şikaýat edilýän hereketi ýa-da karary kanuny, graždaniniň hukuklaryny we azatlyklaryny bozmaýan we çäklendirmeýän, olaryň amala aşyrylmagyna päsgelçilik döretmeýän diýip hasap etse, ol şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz öwürýär.

Graždaniniň şikaýatyny kanagatlandyrmakdan suduň ýüz öwürmegi şikaýat edilýän hereketiň ýa-da kararyň ýerine ýetirilmegini togtatmak hakyndaky kararyň ýatyrylmagyna eltýär.

Graždaniniň şikaýaty boýunça suduň çözgüdine ýokarda durýan suda kanunçylykda bellenen tertipde şikaýat edilip bilner.

**8 madda. Suduň şikaýat boýunça çözgüdiniň ýerine ýetirilmegi**

Suduň kanuny güýje giren çözgüdi döwlet organlarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, ýerli öz-özüňi dolandyryş organlarynyň, wezipeli adamlaryň, graždanlaryň ählisi üçin hökmanydyr we ýerine ýetirilmäge degişlidir.

Suduň çözgüdi hereketlerine we kararlaryna şikaýat edilen organa ýa-da wezipeli adama, şeýle hem şikaýaty beren graždanine çözgüt kanuny güýje girenden soň on günden gijä galman iberilýär.

**9 madda. Şikaýata garamak bilen baglanyşykly sud harajatlarynyň öwezini dolmak**

Eger sud organlaryň ýa-da wezipeli adamlaryň hereketleriniň ýa-da kararlarynyň bikanundygyny bellese, graždaniniň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagyny bozýar, çäklendirýär ýa-da päsgel berýär diýip bellese, şikaýata garamak bilen baglanyşykly sud harajatlary şol organyň ýa-da wezipeli adamyň üstüne ýüklenilýär.

Eger sud şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz öwürmek hakynda çözgüt çykarsa, şikaýata garamak bilen baglanyşykly sud harajatlary graždaniniň üstüne ýüklenip bilinmez.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**
**Aşgabat şäheri**
**1998-nji ýylyň 6-njy fewraly**
**№ 270a - 1**